*3-nji tema*: ***Türkmen Türkçesinde Hitap Biçimleri*** (Türkmen dilnde ýüztutma şekilleri)

**Dersiň maksady:**

- ✓ talyplara türkmen diliniň fonetik, morfologik we grammatik gurluş aýratynlyklaryny öwretmek;
- ✓ talyplara türkmen diliniň sözlük hazynasyny we semantik aýratynlyklary öwretmek;
- ✓ talyplara türkmen dilinde dürli temelar boýunça öz pikirlerini yzygiderli, logiki taýdan dogry beýan etmekligi öwretmek,
- ✓ talyplara türkmen diliniň dürs ýazuw düzgünlerini öwretmek;
- ✓ olara orfografik taýdan ýalňyşsyz beýan etmegiň tärlerini öwretmek;
- ✓ talyplaryň türkmen dilinde sözleýiş medeniýetini we ýazuw endiklerini hem-de başarnyklaryny ösdürmek;
- ✓ dersde türkmen dilini we edebiýatyny oňat öwretmek üçin talyplaryň özara işjeňligini ýola goýmak;
- ✓ türkmen dili we edebiýat sapaklarynda tehniki serişdelerden peýdalanmak;
- ✓ türkmen dili we edebiýaty dersleriniň üsti bilen talyplarda watansöýüjiligi, zähmetsöýerligi, agzybirligi, ahlaklylygy, ynsaplylygy, türkmen milli we dünýä gymmatlyklaryna buýsanç, gözellige söýgi duýgularyny terbiýelemek.

**Dersiň wezipeleri**:

- talyplaryň türkmen diliniň fonetik, morfologik we grammatik başarnyklaryny ösdürmek;
- talyplaryň sözleýiş dilini kämilleşdirmek;
- talyplaryň ýazuw we hatdatlyk endiklerini ösdürmek,
- talyplaryň sözlük üstünde özbaşdak işlerini kämilleşdirmek
- talyplaryň okama we düşünme ukyplaryny ösdürmek;
- talyplaryň gürrüň berme we ýazyp beýanetme endiklerini kämilleşdirmek;
- söz öwrenme endiklerini artdyrmak;
- terjime etme ukyplaryny ösdürmek…

**Dersiň görnüşi**:

- ➢ dilden düşündirme;
- ➢ ýazuwdan beýanetme;
- ➢ sorag-jogap arkaly berkitme;
- ➢ shemaly we tablisaly düşündirme;
- ➢ tehniki serişdeler arkaly düşündirme;
- ➢ ýumşuň kömegi bilen geçileni gaýtalama…
- ➢ öý işi tabşyrma…

**Dersiň ýörelgeleri**:

- türkmen filologiýasy baradaky bilimiň mazmuny bilen onuň beýan edilişiniň bitewiligini gazanmak,
- türkmen diliniň beýleki dersler we durmuş bilen baglanyşygyny üpjün etmek;

- edeplilik, dogry sözlülik, ynsanperwerlik, yzygiderlilik, sylag-hormat we ýaş aýratynlyklara dogry gelmek.
- ders we durmuş, teoriýa we praktika gatnaşygy esasynda olaryň özara baglanyşygyny üpjün etmek…

**Dersiň usullary:**

- talyplaryň özbaşdak işleri we ýumuşlary barlag etmek;
- **ACTIV Studio** we **Power Point** maksatnamalaryndan peýdalanmak,
- türkmen filologiýasy boýunça öwredilýän temanyň prezentasiýasyny geçirmek,
- diliň grammatik kategoriýalary bilen baglanyşykly kynçylyklarda **„akylly sagady”, “akylly kompasy” “akylly şejeräni“** kömege çagyrmak,
- talyplaryň arasynda özara pikirlenme minutlaryny geçirmek;
- talyplaryň logiki yzygiderliligine, subut edijiligine ünsi güýçlendirmek;
- Dersde düşnükliligi we aýdyňlygy üpjün etmek...

**Dersiň görkezme esbaplary:**

- okuw kitaplary,
- gepleşik gollanmalary,
- ýazdyrylan ylmy çeşmeler,
- usuly gollanmalar,
- ses ýazgylary,
- degişli suratlar,
- tablisalar, çyzgylar,
- sözlükler,
- metbugat maglumatlary.

- ✓ “*Ýüztutma*” işiniň asly nameden ybaratdyr?
- ✓ Onuň nähili gönüşleri bar?
- ✓ “Ýüztutma” işi näme bilen baglanyşyklydyr?

- ❖ “**Ýüztutma**” işi adyndan hem belli bolşy ýaly, birine ýüzlenmek, biriniň dykgatyny ýa-da ünsüni çekmek bilen baglanyşyklydyr.
- ❖ “**Ýüztutma**” işini ilki bilen başlaýan sözleýijidir.
- ❖ “**Ýüztutma**” işinde gatnaşygyň haýyş etmek, hormatlamak we sylamak däplerine aýratyn üns berilýär.
- ❖ “**Ýüztutma**” işi sözleýiş medeniýeti bilen hem berk baglanyşyklydyr.
- ❖ Atlandyrma, adyny tutma, adyny tutup haýyş etme
- ❖ “**Ýüztutma**” işine ýakyndan göz ýetirmek üçin aşakdaky sözlemleri bilelikde gözden geçireliň:


Чагалар, ылым алмага жан эдиң!
Гөзел, бәрик гел!
Салам, ёлдаш мугаллым!

- ✓ “**Çagalar, ylym almaga jan ediň!**” diýen sözlemdäki “***çagalar***” sözi “*ýüztutma*” işiniň esasyny emele getirýär.

- ✓ Bu tekstdäki “***çagalar***" sözi sözleýiş medeniýeti boýunça hormatlamak üçin ulanylýan “**SİZ**” diýen söz bilen deňderejelidir.

- ✓ Sözleýiji tarapyndan aýdylan “**çagalar**” sözi ýüztutma sözdür we bu ýüzlenme hemme çagalara degişlidir.

- ✓ Gysgaçasy, “**ylym almaga jan etmeli**” bolanlar hemme okaýan çagalardyr.

- ✓ “Çagalar” sözi has at däldir, jyns atdyr. Şonuň üçin “çagalar" sözi sözleýişde bütin has atly bolan çagalara ýüzlenme üçin ulanylypdyr.

- ✓ “**Gözel, bärik gel**!” diýen sözlemde bolsa, “***Gözel***" has atdyr.

- ✓ Bu sözlemdäki “**Gözel**” sözi “*ýüztutma*” işiniň esasyny emele getirýär.

- ✓ Bu sözlemde sözleýiji Gözeli tanaýan kişidir.

- ✓ Gözeliň bäri gelmegini haýyş eden kişi sözleýijidir.

- ✓ Bu tanyş kişileriň arasynda bolup geçen ýüztutma nusgasydyr.

- ✓ “**Salam, ýoldaş mugallym!**” diýen sözlemiň gurluşy ýokardaky iki nusgadan tapawutlydyr.

- ✓ Sözlemde ilki bilen salamlaşmada ulanylýan “***Salam***" sözi getirilipdir.

- ✓ Bu ýagdaý, ýagny ýüztutma işinden öň salam sözüniň getirilmegi salamlaşmanyň, salam berme däbiniň üýtgewsiz düzgünleriniň biridir.

- ✓ “***Ýoldaş mugallym***” diýen durnukly aňlatma köplenç bilim edaralarynda, orta we ýokary okuw mekdeplerinde ulanylýar.

❖ “**Ýüztutma**” işine doly we dogry göz ýetirmek üçin aşakdaky iki bölekden ybarat sözlemleri öýde özbaşdak okaň we derňew ediň. Olardaky ýüztutma sözlerini öwreniň.

Birinji bölek: **3 sözlem**

1. Чагалар, бәшлик баха алмак үчин чалышың! 2. Ёлдашлар, парахатлык байдагыны ёкары гөтериң! 3. Окувчылар, „Мыдам тайяр“ газетини окаң!

Ikinji bölek: **4 sözlem**

5. Гызлар, йөриң, клуба гиделиң! 6. Сона, сениң какаң нириде ишлейәр? 7. Чагалар, техниканы өврениң! 8. Мырат, сиз дүйн экскурсия гитдиңизми?

✓ Her bölekdäki sözlemleri doly okaň.

✓ Her bir sözlemdäki ýüztutma işiniň esasyny emele getirýän sözleri tapyň.

✓ Olary doly deňew etmäge synanyşyň.

✓ “Ýüztutma” işinde “-lar / -ler” köplük san goşulmasyny ulanyp aýdylýan ýüz tutma sözlerine özüňizden mysallar tapmaga synanyşyň.

- ✓ Deň-duşlaryň, ýaşytdaşlaryň arasyndaky ýüztutmada nähili tapawutlar bolup biler?

- ✓ “Ýüztutma” işinde ulanylýan “**siz**” we “**sen**” sözleri hakynda öz garaýşyňyzy ýazmaga synanyşyk ediň.